# Kök

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kök KÖK

Täç edýän başyma emer-damary,
Men – köküne maýyl teşnäniň biri.
Her setiri – dagyň mermer kemeri
Pyragydan gaýdýan çeşmämiň ugry.

Birjik kast etmedim tebigylyga,
Ýöne, agyr ýüke meýlim bolanda
Ýazýan aýdymlarmy men höwes bile,
Hem ene dilimde, hem rus dilinde.

Ýüzüp ummanynda ýüz dürli diliň,
Süzüp dürli döwrüň rüstemligini.
Göwnüm küýsän dilde gepleýär dilim,
Ýitirmän birjigem türkmenligimi.

Hajy KAKALYÝEW.

Rusçadan terjime eden Gara ÝOLLY.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 07.01.1983 ý. Goşgular